# Iki arakhor

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Iki arakhor IKI ARAKHOR

Şäher…
Hümer…
Dar trotuar…
Döwrana duş geldi Eldar.
Ikisem hor,
Ikisem har,
Ikisem süpük arakhor…
– Essalawmaleýkim, Döwran!
– O-how! Neneñ hal, güzeran?!
– Hal harap, dost, sazlaşyk ýok!
– O nähili, düşünemok?
– Arak bolsa, höregim ýok,
Hörek bolsa, aragym ýok…
– Aý onda, dost, men bagtyýar,
Maña baky sazlaşyk ýar:
Tünegimde ne-hä çörek,
Ne-de dostum, arak…
Bar!

- **HEMME BILÝÄNDIR**

– Doktor, şübhe bar mende,
Berhizläp nan-höregin,
Bejerdiñiz böwregin,
Emma welin o bende
Öldi tutup ýüregin?!
Indi hiç-le teselli…
– Ýok, ýok, agam, ynanmañ,
Meñ bejerýän kesellim,
Şo dertden hem ölýändir!..
Ony hemme bilýändir!

## • ÝOL ÜSTÜNDE

– Nämüçin sen meni mydam
Tankytlap ýörsüñ, Atam?
– Gulluk edýäñ «iki tañra»,
Onsoñam özüñ ýañra!..
– Ýalan! O nähili «iki tañra?»
Şo bir işim, bir edara,
Ynanmasañ, bar-da sora…
Aýt indi, goýma añra!
– Biri – Haýra!
Birem – Şere!..
Birinjä ujypsyzja,
Soñka-da ýop-ýoñsuzja!..

## • OTUZ IKI DIŞ

– Okuwmy gutarsam, kaka şeýdäýjek,
Ýürek doktorlyga okuwa gidäýjek,
– Ýok, onyñ hatar iş,
Diş doktor bolaý!
Adamda bir ýürek, otuz ikem diş!
Bolýandyr, jan ogul, şony sen biläý!

* * *

Kimkä şunça ejir çeken,
Bu saz eserler üçin?!.
Aperin! Tüýs eser eken,
Gulagy kerler üçin!
Men-ä, inim, telpek goýdum,
Arman, gulagymam ýoýdum!

Anna MUHADOW. Goşgular